# Eziziň çagalar bagy



Bu kitap Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň we Türkmenistanyň hökümetiniň, esasan, hem Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty, Bilim, Medeniýet we teleradio-ýaýlymlar ministrlikleriniň ýardam bermeginde taýýarlanyp neşir edildi.

Döredijilik topary:

Ogulgurban Gurtdurdyýewa - Bilim ministrliginiň wekili
Mamajan Orazdurdyýewa - terbiýeçi-usulýetçi
Atamyrat Atabaýew - ýazyjy
Döwletgeldi Akyýew - suratkeş
Timur Saidow - grafik dizaýneri
Ilýa Malenin - grafik dizaýneri
Muhommet Hommaýew - ÝUNISEF-iň işgäri
Barbara Koluski – çaganyň irki ösüşi barada maglumat-bilim beriş ugry boýunça ÝUNISEF-iň halkara konsultanty

Bu kitabyň taýýarlanmagyna gatnaşan çagalara, olaryň maşgalalaryna, çagalar bagynyň terbiýeçilerine öz minnetdarlygymyzy bildirýäris.



Salam körpe! Meniň adym Eziz.
Sen çagalar bagyna gatnaýaňmy?
Men eýýäm haçandan bäri gatnaýan.




Öň men çagalar bagyna gitmäge gorkýardym.
Sebäbi meni diňe ejem bilen kakam
gowy görýärmikä diýip pikir edýärdim.



Ilkinji gün men beýleki çagalaryň oýunlaryna syn edip durdym we meniň hem olar bilen oýnasym geldi.

Şonda meniň ýeke
özümiň duranymy görüp
terbiýeçimiz Maral Ataýewna
ýanyma geldi.



Ol menden näme üçin oýna goşulmaýanlygymy sorady.
«Men bilemok» diýip, jogap berdim.



Maral Ataýewna hemme çagalary
çagyryp: «Geliň, oýun oýnalyň» diýdi.
Oýnumyzyň ady «Çagalar bagy».



Maral Ataýewna meni eline alyp, oturgyjyň üstünde duruzdy, terbiýeçiniň haladyny egnime geýdirdi hem-de: “Eziz terbiýeçi bolar” diýdi.



Men onuň eliniň ýylysyny we mährini duýdum.
Terbiýeçimde ejeme meňzeşlik bardy.

Men ejem barada
çagalara gürrüň berdim.



Çagalar hem gezekli-gezegine gyzykly
wakalar barada gürrüň berdiler.
Biz köp gülüşdik. Biz şadyýandyk.




Ine, şeýdip men gorkmazlygy öwrendim.
Indi men çagalar bagynda hem ikinji
ejemiň we täze dostlarymyň bardygyny bilýärin.

# HORMATLY ENE-ATALAR WE TERBIÝEÇILER!

Bu kitapça 0-7 ýaşa çenli çagalara, ene-atalara hem-de Türkmenistandaky çaga howandarlaryna we terbiýeçilere degişli täze materiallaryň bir görnüşi bolup durýar. Kitapdaky berilýän ähli wakalar siziň çagalaryňyzyň ömrüniň ilkinji ýyllaryndan jadyly dünýä aralaşmagyna ýardam eder. Siz şu kitap bilen tanyş bolanyňyzdan soň, çagalaryňyz bilen geçirýän wagtyňyzyň ýönekeý hereketler arkaly hem bolsa, çagaňyzyň sagdyn bolmagyna, durmuşda özüni ynamly alyp barmagyna ýardam berjekdigine göz ýetirersiňiz. Biziň maglumatlarymyz Türkmenistanda çagalaryň aňynyň irki döwürden ösüp başlamagynyň dowamy bolar hem-de çaganyň irki ösüşiniň kadalarynyň üstüni ýetirmeklige ýardam eder. Ol kabul edilen kadalar her bir çaganyň durmuşynda öz başarnyklaryny doly açyp görkezmekleri, olarda gowy endikleriň kemala gelmegi üçin zerur şertleriň biri bolup durýar. Mundan başga-da çaganyň irki ösüş döwründe ene-atalar, howandarlar oýunlar arkaly, bilim bermekden we yhlasly terbiýelemekden başga-da çagalaryň söýgüsini gazanmak zerurdyr.

Biziň taýýarlan işimiz size körpeleri ösdürip-ulaltmakda we terbiýelemekde ýardam berer diýip umyt edýäris.

Çagalaryňyzy söýüň! Ol söýginiň nesilden-nesile geçmegini gazanyň!